# Oka, öwren, kämilleş!

**Mähriban çagalar! Bu kitapçada siziň tomusky dynç alyş möwsümiňizi has gyzykly geçirmegiňiz üçin niýetlenen hekaýadyr suratlar ýerleşdirilen. Siz kitapçany okamak bilen, söz baýlygyňyzy kämilleşdirersiňiz, täze gyzykly zatlary öwrenersiňiz. Labirintdir surat çekmegiň ýönekeý usullaryny öwrenmäge mümkinçilik berýän çyzgylar el ukybyňyzy ösdürer.**

# Diş çotgasyny nähili arassalamaly?

***Her günde dişimizi çotgalap ýuwmalydygymyzy hemmämiz bilýäris. Eýsem, diş çotgasyny nähili arassalamalyka?***



Ilki bilen, diş çotgasyny diňe suw bilen ýuwmaly. Ony arassalamak üçin başga arassalaýjy serişdeleriň hiç birini ulanmaly däl.

Suw bilen mazaly ýuwlandan soňra aşhana kagyzyna dolap goýuň! Şeýdilende, onuň üstündäki göze görünmeýän bölejikleri kagyz özüne siňdirýär. Birnäçe sagatdan soňra kagyzy aýryp, suw bilen durlanyňyzdan soňra ulanyp bilersiňiz.

Diş çotgasyny tozanly we ş.m. siňip biljek ýerde goýmaň!

Her gezek ulanylandan soňra, mazaly ýuwup, suwuny başaşak tutup silkmek arkaly guradyň!

Gyzgyn suw hapany has gowy arassalaýar. Gap-gaçlar ýuwlanda gyzgyn suwdan peýdalanylsa, ýag we beýleki hapalar aňsatlyk bilen aýrylýar. Gaýnan suw diş çotgasyndaky mikroblary ýok edýär. Diş çotgasyny 5 minut çemesi gaýnan suwa salyp goýuň!

Ak sirke garylan suwda bir gije goýlan diş çotgasy hem gowy arassalanar.

Unutmaň, hernäçe arassalanýan hem bolsa, diş çotgasyny üç aýdan köp ulanmak maslahat berilmeýär!

# Geliň, surat çekmegi öwreneliň!










# Nesihatly hekaýalar

Şägirtleriniň biri halypasyndan sorapdyr:

– Eger-de kimdir biri meni ursa, men näme etmeli?

Ol şeýle jogap beripdir:

– Eger-de gury agajyň şahasy döwlüp, üstüňe gaçsa näme ederdiň?

Şägirt:

– Beýle ýagdaýda men näme edip bilerin? Bu bir ýöne tötänlik, ýöne bir gabat gelme ahyryn, çünki, haçan-da, ondan gury şaha döwlüp gaçanda, men bagyň aşagynda duran ekenim-dä.

Halypa şeýle diýen:

– Edil şunuň ýaly bol. Kimdir biri samsyklyk edipdir, gahar edipdir-de, seni urupdyr. Bu hem edil üstüňe agaçdan şaha gaçan ýalydyr. Goý, bu ýagdaý seni birahat etmesin, hamala diýersiň, hiç zat bolmadyk ýaly öz ýoluň bilen ýöräber!

***

Suwdan çykarylan owadanja daş köpriniň gyrasyndaky kiçiräk belentlikdäki dürli görnüşli ösümlikleriň we gülleriň arasyna düşüpdir. Ol duran ýerinden aşak gaçmak isläp öz ýanyndan şeýle diýen: “Men bu ösümlikler bilen bärde näme edeýin? Meniňem öz doganlarym bilen birlikde ýaşasym gelýär”.



Ol jan edip, bu maksadyna ýetipdir. Ýöne, köp wagt geçmänkä öz ykbalyndan nalap başlapdyr. Onuň üstünden arabalaryň tigirleri, aýaklaryna nal kakylan atlar, syýahatçylar dyngysyz basalap geçip durupdyrlar. Olar ony eýläk-beýläk agdaryp, ýere çümdüripdirler, käte bolsa, läbik we taşlandylar bilen üstüni gömüpdirler. Şondan soň, görgüli daşjagaz eden işine ökünip, özüniň taşlap gaýdan çola we rahat ýerine seredip galyberipdir.

Nokatlary birikdirip, suraty reňkläň!

Emele gelen şekiliň ýanyna onuň adyny ýazyň!









# Ýumurtgaly tejribe

Gaýnadylyp bişirilen we çig ýumurtganyň tapawudyny onuň daşyndan reňkine, ysyna ýa-da uranyňda çykýan sese görä tapawutlandyryp bolmaýar. Olary diňe tekiz ýerde goýup, pyrlamak arkaly bilip bolýar. Eýsem, ýumurtgany çakmazdan onuň çigdigini ýa-da bişendigini nädip bilip bolar? Ýumurtga gaýnadylanda içi üýtgeýär. Emma daşyndan welin ony aňyp bolmaýar. Geliň, muny anyklamak üçin kiçiräk tejribe geçireliň! Munuň üçin bize 2 sany deň ýumurtga, käse we gyzgynlyga çydamly gap we kagyz gerek. Ilki bilen bir ýumurtgany 7-8 minut gaýnadyň! Soňra ony suwdan çykaryp sowaýança garaşyň! Bişen we çig ýumurtgany tekiz ýerde goýup, pyrlaň we barmagyňyz bilen durzup, derrewem barmagyňyzy aýryň! Muny birnäçe gezek gaýtalaň! Soňra bolsa, iki ýumurtganam pyrlap, durýança serediň!

Ýumurtgany durzup, barmagymyzy aýranymyzda, biriniň gaýtadan pyrlanyp başlandygyny görersiňiz! Pyrlanyp duran bişen ýumurtgany durzanymyzda, onuň gaty içki bölegi hem durýar. Ýagny ýumurtganyň daşy bilen içi bilelikde hereket edýär. Çig ýumurtgany durzanymyzda bolsa, onuň daşy dursada içindäki suwuk bölek aýlanmagyny dowam edýär. Şol sebäpli, aýlanyp duran çig ýumurtgany çalaja durzup, eliňizi çekseňiz, ol gaýtadan aýlanmagyny dowam etdirýär.



# Labirint










# Seýrek duş gelýän ösümlikler

*Ýer ýüzüniň dürli ýerlerinde şol ýeriň tebigy we geografik aýratynlygyna baglylykda dürli ösümlikler ösýär, jandarlar ýaşaýar. Käbir ösümlikler bolsa, diňe belli bir çäkde ösýär. Diňe belli bir sebitde ösýän ösümlige hem-de ýaşaýan jandara endemiki diýilýär. Şu makalamyzda Ýer ýüzüniň iň seýrek duş gelýän ösümlikleriniň käbiri barada maglumat bermegi makul bildik.*



**Küýze ösümligi.** Filippinleriň Palawan sebitinde belent dag gerişlerinde ösýän bu täsin ösümlik «ýyrtyjy» bolmagy bilen tapawutlanýar. Bu ösümligiň çanagynda ýiti ysly şepbik bolup, üstüne gonan mör-möjekleri «iýýär». Ösümligiň çanagynyň ululygy 30 sm çemesi bolup, oňa diňe mörmöjekler däl, eýsem, kiçiräk gemrijiler hem düşýär. 2007nji ýylda bu ösümligiň üsti açylypdyr.

**Ýerasty orhideýa.** Bu ösümlik diňe ýeriň aşagynda ösýär. Hatda ýeriň aşagynda gül açýar. Maý-iýun aýlarynda sarymtyl-gyzyl reňkli bolup, açylýan gülüniň ýakymly ysy bolýar. Awstraliýanyň günbatarynda gyrymsy agaçlaryň arasynda ösýän bu ösümligiň düzüminde hlorofi ýokdugy sebäpli Günden energiýa alyp bilmeýär. Şol sebäpli gyrymsy agaçlaryň köklerindäki kömeleklerden iýmitlenýär. Bu ösümlikden baryýogy 50 sanysynyň bardygy aýdylýar.

**Wenda.** Günorta Afrikanyň Limpopo sebitinde ösýän bu ösümlik 1996-njy ýylda aýratyn görnüş hökmünde (lat. «Encephalartos hirsutus») hasaba alyndy. Tüýjümek ösümlikden häzirki wagtda gaty az sanlysynyň bardygy aýdylýar.



**Bir gezek gül açýan palma.** Ömrüniň dowamlylygy 50 ýyla barabar bolan palmanyň bu görnüşi (lat. «Tahina spectabilis») Madagaskaryň demirgazykgünbatarynda ösýär. Äpet agaç ömrüniň dowamynda bir gezek gül açýar. 2005-nji ýylda üsti açylan bu ösümligiň boýy 18 metre ýetýär. Onuň şahalarynyň ýaýrawy 10 metre golaý bolýar. Bu ösümlikden tebigy ýagdaýda baryýogy 90 sanysynyň ösüp oturandygy mälim edilýär.

**Meduza agajy.** Latynça ady «Medusagyne oppositifolia» bolan bu agaçlaryň ýitip ýok bolandygy çaklanylýardy. Emma 1970-nji ýyllarda onuň üstünden baryldy. Gabykly miwesiniň içinde meduza meňzeş maňzy bardygy üçin oňa şeýle at berlipdir. Seýşelleriň Mahe adasynda ösýän agaçdan häzirki wagtda 86 düýbüniň bardygy aýdylýar.

# Tebigy dür nädip emele gelýär?

Tebigatda gymmatly daşlaryň dürli görnüşi gabat gelýär. Şeýle daşlaryň biri hem dürlerdir. Bu täsin daş irki döwürlerden bäri gymmatly bezeg şaýy hökmünde ulanylýar. Bu daş balykgulaklaryň käbir görnüşleriniň bedeninde emele gelýär. Onuň daşyň ak, sarymtyl, gyzgylt reňklileri bolýar. Bu monjugy balykgulak özüni goramak üçin döredýär. Balykgulak çanaklarynyň arasynda giren çäge zerrejigini ýa-da haýsydyr bir ownujagy zeper ýetirmezligi üçin sadap minerallary bilen gaplaýar. Sadap mineraly gaty, berk we ýaldyrawuk bolýar. Wagtyň geçmegi onuň daşyna saralan sadap galňap, ýylmanak daşly monjuga öwrülýär. Iki-üç ýylyň dowamynda emele gelýän bu daşa bolsa, dür diýilýär.

Sadap mineralyny balykgulagyň bedeni çanagynyň içki bölegini goramak üçin öndürýär. Şeýle hem sadap düri emele getirmek bilen bir hatarda balykgulagyň içki gatlagynyň reňkini hem üýtgedýär.

***Haýsy balykgulaklar dür öndürýär?***



Balykgulaklar molýusklar maşgalasyna degişli bolup, ýyly suwly deňizlerde ýaşaýar. Bu jandarlaryň pyşbaganyňky ýaly iki sany çanagy bolýar. Onuň aşagyndaky çanagy has çuň we uly, ýokarkysy kiçiräk we tekiziräk bolýar. Üstki gatlak gaty we has tekiz bolýar. Balykgulaklar suwuň akymyna görä azda-kände süýşäýmeseler, özbaşdak hereket etmeýärler. Olaryň aýagy we kellesi bolmaýar. Olaryň çanaklarynyň açylmagy netijesinde açylyp-ýapylmagy netijesinde suwdaky ownujak ösümlikleri we jandarlary iýmek arkaly iýmitlenýärler. Balykgulaklar käbir ýurtlarda iýmit hökmünde hem ulanylýar. Olaryň duşmanlarynyň arasynda deňiz ýyldyzlary, balyklar we osminoglar ýaly jandarlar bar. suwasty tebigatyň baý ýerlerinde balykgulaklar 50 ýyla çenli ýaşaýar.

Dür alynýan balykgulaklar Hindi ummanyndan hem-de Ýuwaş ummanynda Ýaponiýadan Awstraliýa çenli aralykda, Pars aýlagynda, Şri-Lankanyň we Kaliforniýanyň kenarlarynda ýaşaýar. Seýrek duş gelýän gara reňkli dürler bolsa, Meksika aýlagyndaky balykgulaklardan alynýar. Suwasty akymlaryň bar bolan ýerlerinde has gowy dürler peýda bolýar. Sebäbi, şeýle ýerlerde arassa suw we bol iýmit bolýar. Mundan başga-da, dünýäniň dürli ýurtlarynda balykgulaklardan dür almak maksady bilen fermalar döredilipdir. Bu ýerde balykgulaklaryň ýaşamagy üçin ýörite şertler bar.